# Zyndanda ýanan şem -28/ powestiñ soňy

Category: Goşgular,Kitapcy,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Zyndanda ýanan şem -28/ powestiñ soňy — Sen hemişe şyýle. Ýadyňdamy? Entek oblast gazetinde işleýärkäň şäher söwdasynyň başlygyna «degme» diýseler-de tankyt etdiň. Işden kowdular, üç günläp kipezede sakladylar. Soň-soňlaram aç-açanlyk, aýanlyk üçin göreşip köp-köp horluklar çekdiň. Ýogsam, sen şu güne düşmezdiňem. Türmede ýatan tussaglary tertip-düzgüne salsyn diýip, seni basdylarmy. Şu dowzahyň içinde ölüp, çagalaryňy ýetim goýmajak bolsaň, goşulma hiç zada. Haýyş edýän! Başyňy gora!

— Serwim, gözüňe döneýin. Aga ak, gara gara diýmek meň ganyma ornapdyr. Asla-da, ýasalyşym şeýle, onsoň nädip men öz-özümden el çekeýin.

Walentina Timofeýewna göreçlerimiň içine seredip uzak dymdy. Ol bu wagt soňky diýen sözlerine ökünip ahmyr çekýärdi.

— Ynha, maňa gelen jogaplar — diýip, içi pökgerip duran konwerti maňa uzatdy. Okajagam bolmadym. Sebäp diýseň, hatlaryň jogap habarlaryň mazmuny şol bir äheň.

— Men-ä indi näme etjegimi-de bilemok. Iň bir erbet ýeri, bu ýerden iberilýän hatlar hem arz-şikaýatlar koloniýanyň ýörite bölüminiň üsti bilen iberilýär. Özünem konwerte salyp däl-de, açyk tabşyrmaly. Şeýlelikde, olar ap-arkaýyn hatyňy okaýarlar, islese-hä iberýär, islemese-de zyňýalarmyka-da diýýän. Meniň soňky ýazan arzamy-ha almadylar. Gaýtam «Sen ýürege düşdüň, biziň senden başga işimiz gyt däl» diýip, gygyrmak gygyrdylar.

— Meniňem paltam daşa degdi. Ýöne şonda-da bir umydym bar. Ýadyňda barmy, Leningraddan bir myhman gelip öýümizde bolupdy.

— Hawa, hawa. Boris Dukalskiý, ol meniň «Garametnyýaz — Guw kölüdir» diýen oçerkimi hem terjime edipdi.

Gezelenje gelen myhman bilen kanal ýakasynda geçiren günlerim ýadyma düşüp, şähdim açyldy.

– Ine şol Dukalskiý iýen duzuny unutmandyr, arada seni yzarlap öýe geldi.
– Aý ýog-a.
– Hawa, çaý goýdum. Taýýar nahar bardy, nahar iýip oturdy. Soňra seniň hökümiňi eline alyp, baý başyny ýaýka-da. Şo günüň ertesi öýe ýene geldi. Ol basylmaly adam däl. Bularyň edýän işine seret, özüne-de, ýedi ýyl beripdirler. Bu ýerde jenaýata degişli iş ýok. Bu graždan işi. Dokument ýitipdir, ýitse ýitip geçsin, puluny töläýmeli. Ynha-da, meň adresim, Sen derrew Gurbanyň ýanyna git. Meniň ýazyp beren şu soraglaryma jogap bersin. Soňra haýal etmäň-de, maňa ýetiriň – diýdi.
Boris Dukalskini, göz öňüme getirip, çöküp galan kalbymda täzeden umyt peýda boldy.
– Ýogsam-da, ol «ýuridiki ylymlaryň kandidaty men» diýipd-ow. Bu wagt dлgtor bolandyr ol. Henizem, şol öňki işindemikä?
– Ýok, Moskwada «Adam hem kanun» žurnalynda işleýärmiş.
– Boldy, boldy. Serwim…
Çişip, yza berýän ýaram paklawuk açyp, ýarylan ýaly süňňüm ýeňledi. Durmuşyň manysy üýtgäp, ummasyz giň älem aýdyňlaşdy.
– Ine!
Walentina Timofeýewna bukjasyndan çykaran bir bölejik kagyzy maňa uzatdy.

«1. Seň, redaksiýanyň kassasyndan alan 600 manat pulyňy näme üçin aldyň?
2. Eger-de, şol pul komandirowka giden wвgtyň, ýol harjy üçin alnan bolsa, onda sen nirede komandirowkada bolduň? Näme iş etdiň? Edaranyň işi üçin eden çykdajyň boldumy? Kime, näme üçin pul tölediň, ýadyňda bolsa, eden işi üçin, seniň pul tölän adamyňyň ady, familiýasy, adresi?»

– Boldy, Walentina hanym! Bar zada indi düşündim. Ilki bilen-ä komandirowka Moskwa gitdim. Seniňem ýadyňdadyr-a?
– Wah, seniň Moskwa gitmedik aýyň bolupmydy. Haýsy saparky gidişiň hakda soraýan?
– Garagum kanalynyň problemalaryna bagyşlanyp Aşgabatda bolan simpozium hakda…

– Şo saparky komandirowkaň döşe dakylýan nyşan ýasadaýan gezegiňmi?
– Simpoziuma gatnaşýan myhmanlar üçin ýasaldy-da, şol nyşan Pýatniskiý adyndaky Döwlet akademiki horuň suwenirler ýasaýan ýörite sehi bar. Seh Moskwanyň Şota Rustaweli köçesinde ýerleşýär. Awtobus duralgasam bar şol ýerde. Duralganyň ady hem bir geňsi, heniz ýadymda – «Ýaşyl öý». Ine şol ýerde işleýän hudožnige ýasadan şol znaçogymyzyň asyl nusgasyny galyplatdym.
– Puly şeýle beräýdiňmi? – diýip, aýalymam Dukalskiniň maňa beräýjek soragyny berdi.
– Ýok. Hiç bir esassyz bir adama pul berip bolmaz ahyry. Hudožnikler bilen şertnama baglaşdym. Soňra eden işlerini akt bilen kabul edip, ýörite düzülen wedomosta gol çekdirip, onsoň pul berenim ýadymda.
– Beýle däl bolaýmasyn.
– O nähili beýle dälmiş? Men indi edýän işimem bilemokmy? – diýip, herreldim.
– Bilýän bolsaň, bilýänsiň welin, Gurban Jumaýewiç, jenaýat işiň delosynda seniň bu diýýän zatlaryň hakynda ýekeje agyzam ýazgy ýok – diýip, aýalym şu gezek meniň bilen resmi kadada gepleşdi.
– Diýmek, şol dokument ýitipdir, ýa-da papkadan aýrylyp zyňylypdyr. Bu ýörite edilen pyrryldyk bolaýmasyn.
– Ähtimal. Eger-de şol alty ýüz manadyň nirä, näme üçin harçlanylyp, kime pul tölenendigi aýan bolsa, onda seni sud etmegiň asla jenaýat işini gozgamagyň hajaty ýok. Bu işleriň şeýledigini maňa ozal habar berseň bolmadymy – diýip aýalym igendi. Ara dymyşlyk düşdi. Küşt tagtasynda oslagsyz göçüm eden adam ýaly, başymy galdyrsam aýalym, ärini däl-de, kimdir bir nätnyş adamy ilkinji sapar görýän ýaly birgeňsi synlaýardy.
– Gözüňe döneýin meň seniň ýanyňda bir hepde bolmak maksady bilen gelipdim. Bu gürrüňlerden soňra, meniň ýeke sagat eglenmegim, seniň ,bu dowzahdan boşamak möhletiňi şonça-da uzaldyp biljek. Eýsem, bu bize gerekmi? Men häzir gideýin. Agşamky samolýot bilen Moskwa uçaýyn – diýip, Walýa ot degene

döndi. Ol salymyny bermän goşyny ýygnady. Men muňa gynanjagymam bilmedim, begenjegimem. Walentina Timofeýewnanyň welin, gara çynydy. Ol bir gören tanyşymyz Boris Dukalskiniň hakykaty tapjakdygyna bek ynanýardy.

Aýalym Walentina gitdi. Men ony uzyn koridoryň o çetin- de, azatlyk bilen mysapyrlygyň arasyny çäklendirýän demir gapa çenli ugratdym. Ondan aňryk ädim-ä beýlede dursun, hatda burnumy sokmaga-da hakym ýokdy. Ony Walentinam gowy bilýärdi. Ol demir gözenegiň o ýüzüne geçdi-de, elindäki agyr sumkasyny ýerde goýup, hiç zatdan bihabar bäbejigi ýokaryk galdyryp, ony gürletdi.

— Kaka, hoş! Biz, nesip bolsa, tiz wagtdan, Aşgabatda, öýümizde duşuşarys — diýip, agras ýylgyrdy. Güýç-kuwwatdan gaçyp, ysgyn-mydary galmadyk bimar ýaly, daşky gapydan zordan çykyp gitdi.

Şo agşam uzyn gije irkilip bilmedim. Kä begendim, kä gynandym. Birdenem gara basýan ýaly hopugyp, dik oturdym. Ýöne welin, hakykata bolan umyt meni her neneň ýeke goýmady.

Aradan hepde geçdi. Ne öýden, ne Moskwadan habar bar. Şeýle halatlarda adam, näme edip, näme goýýanynam bilmez eken. Zonanyň1 içinde iki-ýana zöwzenekläp ýörşüme ýanyma baş aşpez geldi.

— Gurban aga, «iki günlük harç» diýlip, naharhana dört çelek duzly balyk berdiler. Açdyk welin iýer ýaly däl. Çüýräp gidipdir. Çelegiň içi bulamak bolup ýatyr. Sklada diýsem «yzyna alman, iýesiňiz gelmese döküň» diýýär. Näderis?

Çelekleriň agzy ozal açylypdyr. Diýmek, zaýa balyk, bu ýerik ýörite getirilipdir. Bu oýunlar maňa ozaldan tanyş zat. Sagdyn, iýmäge ýaramly balyklar pula öwrülip, ol häzir gör, kimiň jübüsinde. Beýle wyždansyzlyklar bu «gorhananyň» daş ýüzünde galdymyka öýdüpdim, emma, ýalňyşan ekenim. Koloniýa Sowetiniň başlygyna berlen hukuk boýunça tussaglardan komissiýa düzüp, zaýa balygy dökdürdim. Men bu işi gowulyk alamaty, tussag ýoldaşlarym özleri hakdaky edýän aladamy bilerler öýdüp, olara daýanyp edipdim. Ýöne welin, bar zat tersine boldy. «Gurban, bizi ozal-a pionere öwürdi. Naharhana-da nyzam bilen barýarys. Indi hem iýmek-içmekden kesjek

bolýar» diýen howaýy gürrüňler ýaýrap, bar keýpimi aldy. Eden işime ökünip otyrkam, naçalnik çagyrdy.
– Gurban, balykly meseläni juda oňarypsyň. Akyty maňa berdiler. Bu barada degişli adamlar temmisini alar. Men seni başga bir mesele üçin çagyrdym. Zonada näçe adam barlygy saňa belli. Şolardan näçesiniň işläp, näçesiniň işsiz ýatanynam bilýäň. Her sapar ýokardan adam gelse, janymy alýar. Giden mähelle. Bu milleti nädemizde bilen üpjün edil bolarka diýip, etmedik pikirim ýok. Pagtaçylar üçin ganardyr, partuk tiker ýaly seh açmaga-da meýlim bar. Emma nädip? Ilki bilen-ä ýörite jaý gerek. Bir giden tikin maşyn gerek. Asyl, şol iş üçin ýeke köpük pulumyz ýok. Gurluşyga gerek boljak ownuk-uşak beton önümlerini ýasaýan poligon gurnaýaýyn diýsem, o-da bolanok. Sement gerek çagyl gerek. Iň esasy, beton garyjy uzel ýok. Gördüňmi, nirä öwrülseň öňüň ýapyk dur. Gözüm-başym aýlanyp gitdi. Sen bu zatlar barada nähili pikir edýäň? – diýdi.
Koloniýanyň naçalnigi polkownik Gubenkonyň önümçilikçi däl-de jemgyýetçilik işleri boýunça hünärli adamdygyny ozal eşidipdim. Şonuň üçinem Wiktor Terentýewiçiň maňa berýän bu soraglarynyň geňlärlik däldigini bilýärdim.
– Wiktor Terentýewiç, meniň pikirimçe az harç bilen, köp önüm öndürip, tussaglary öz-özlerini eklär ýaly etmek dälmi maksadyňyz? – diýip, polkownige ýüzlendim. Ol çykgynsyz ýagdaýda galyp, kimdir bir nätanyş ötegçiden haraý isleýän ýaly, ýönekeýlik hem-de hantamalyk bilen baş atyp, sözümi tassyklady.
– Meniň pikirimçe, zonanyň içinden gurluşyk ploşadyny döretmeli – diýemde, sesim naçalnigiň gulagyna ýarady. Ol gapynyň daş ýüzünde duran jaňyň sadabyny basyp gapyçysyny çagyrdy.
– Semýon!
– Hä!
– Bize çaý demle. Howa, onsoň gurluşyk ploşadkamyzda nämeler etsem diýýäň – diýip, bar pikirini mende jemlese-de, telefona ýapyşdy.
– Biziň bu gürrüňimiz biderek geçmesin. Häzir bu ýere önümçilik bölüminiň ykdysatçysyny hem çagyraly goý diňlesin –

diýdi.
Men tussagam bolsam, adam hasap edilip, azda-kände sözümiň diňlenýändigini ozalam çalarak aňýadym. Ýöne welin, bu gün şo pikirim aýdyň boldy.
Salymyny bermän, çagyrylan adam gapyda peýda boldy?
– Marina Petrowna, geliň geçiň! Tussag Jumaýewiň diýjek zatlaryny iki bolup diňläýsek, gowy bormuka öýdýän. Biz zonadaky işsiz adamlary işli etmek meselesi barada pikir alşyp otyrys. Gurban şu ýerden gurluşyk ploşadyny açmaly diýýär – diýip, naçalnik entek başlamadyk gürrüňimiziň matlabyny Marina Petrowna beýan etdi. Men Marina Petrownany baryp-ha bu ýere gelen günümden halaýardym. Onuň uzyn boýy, egnine dökülip duran gara saçlary, inçejik galam gaşlary, al ýaňak, ýuka dodaklar, hünji dişler. Ýüzüni ikä bölüp duran owadan, göni burny. Bukulan nar kimin güberilip duran ýumruklar, näme üçindir maňa ozaldan tanyş ýaly, diýseň mährem, diýseň ýakyn duýulýardy. Şonuň üçinem bilemok, men oňa gabat gelsem utanýardym. Marina gabat gelmejek bolup, hemişe sowa gezerdim. Ine, häzir bar zat tersine, ol edil, gabat garşymda, otyr. Birbada aljyradym. Maňlaýyma der indi, stoluň aşagynda gizlenen agyr botinkaly aýagyma, Marinanyň aýagy çala galtaşanda tenime tok ýaýran ýaly tisginip gitdim. Hernä kabinet eýesi bu wagt demlenip getirilen çaý bilen güýmenip, meniň çykgynsyz ýagdaýymy aňman galdy. Aýaklarym bir gapdala süýşdi ýöne bu rahatlyk uzaga çekmedi. Marina meniň aýaklarymy ýene-de tapdy…
– Eý taňrym, bu nä gudrat, bu nä apat. Bu gorhananyň içinde-de ynsan sypatly, ynsan häsiýetli mahluk bar eken-ow – diýip, içimi gepledip otyrkam, polkownigiň sesi meni huşuma getirse-de, ygtyýarym burny halkaly ner ýaly Marinanyň elindedi.
– Onsoň, ine-de saňa gurluşyk ploşadkasy – diýip, naçalnik meniň pikirimi ugrukdyrdy.
– Armatura sehini açjak.
– Armatura sehini?
– Hawa.
– Hany, oňa metal? – diýip, naçalnik maňa sorag berdi.
Şäheriň gurluşyk guramalary bilen şertnama baglaşjak. Goý,

olar zakaz berjek armatura önümleriniň demirini şu ýerde, koloniýa getirip bersinler – diýdim. Bu sözleri men, Marinanyň ýüzüne seretmän aýtdym. Bu wagt Marina arwananyňky ýaly ýognas botinkaly aýagymyň üstüne ykjam münüpdi. Gelin boý derege çyrmaşan peçek ýaly iýşilip, erkimi  elden alypdy.
– Munyň biçem däl. Ýöne bu zatlary biz nädip ýola goýarys? – diýip, naçalnik çynyrgady.
Ilki bilen-ä üç-dört sany kebşirleýji gural bilen, birem demir kesýän gaýçy stanok gerek. Ine onsoň, iki smena işlesek, ýüz adam işli boljak – diýdim. Marina sesini çykarmady. Naçalnik welin diýseň otukdy.
– Bu az bolýar. Başga ýene näme etse boljak?
– Agaç ussalar brigadasyny işledip bolar.
– O brigada näme etdirmekçi?
– Gurluşyk obektleriniň ählisiniň daşyna tagtadan ganow gurnalýar.
– Hawa.
– Biz haýat üçin netlenen şit ýasarys.
– Apalubka germawlaryny, bezeg-haşam işleri üçin gurallar, zember ýaly zatlary hem ýasarys – diýip, Marina meniň pikirimi goldady.
Biz şo güni naçalnigiň ýanynda uzak oturdyk.
Gör, durmuş nähili. Onuň, heý, belli kanuny barmy? Bir görseň-ä seni suwdan alyp, oda salýar. Depäňde Şänik döwüp, ýagty jahana inmedik ýaly edýär. Birdenem ýerdeň köküňi üzüp, peşmek ýaly gaýdyryp goýberýär. Eýsem, bu zatlar meniň ýatanda-turanda kelläme gelipmidi? Elbetde ýok. Öňde biri «Egerde ýykyljak ýerimi bilen bolsam, şo ýere saman düşärdim» diýipdir. Ynha, men indi il gözünden düşen jenaýatçy. Ganat-perden aýrylyp, kapasa salnan bir guş. Dünýäniň gözelligine gözenegiň o ýüzünden seredip otyryn.
Şu iki aralykda Marina nireden peýda boldy. Men asyl şu pursat ynsapa bir meňzeşmi? Başym takyr, aýagymda demirden gaty, daşdan ýasalan ýaly köwüş. Egnimde palaň edilse-eşegiň namysyny getirip biljek jul. Sakgal-murtum syh-syh, ýeri içine saman dykylan bir garantgyň bar. Şu ýagdaýda Marina menden näme isleýärkä? Ýa-da «Zer gadyryny zergär biler» edýärmike?

Belki, ol ozal dag bürgüdi kimin gaýalarda gezýän döwrümde, sonarly jülgeleriň birinde gabat geldimikä?
Bu pikirler meni aldym-berdime salyp, heýjana getirdi. Her neneň özüme zor salyp, geçen günlerimiň ýatdan çykmajak pursatlaryny ýekän-ýekän saýgarsam-da, bu zenan bilen bagly hiç zat hakydama gelmedi.
Belki, bu zenan – ynsanparazdyr. Bu giden dowzahyň içini gabagly her bir adamyň hersiniň öz ykbaly bar, öz dünýäsi. Geleňsizlikden, wyždansyzlykdan ejir-çekip, binamyslygy üçin bu ýere düşenlerem kän. Marina ony menden gowy, bilýär. Eýsem, şeýle halatlarda-da bu zenanyň biz ýaly petigaralara goltgy bolmak neti barmyka? Belkem, şeýledir. Bu pikir maňa kuwwat berdi.
Aradan aý geçdi. Hasratly günleriň birinde Boris Dukalskiden hat geldi. Bu meniň zonada geçiren günlerimiň ýatdan çykmajak güni boldy. Hat uly däldi. Bary-ýogy iki setir. Tüm gijeler süýnüp, gökden suwa gaçan ýyldyz ýaly, yzy ýitip giden umytlarym ilki bada gömlüp soňam arassalanan guýy ýaly oýandy. Şeýle halatlarda adam çaga dönýär. Ganat tapsa uçaýasy gelýär. Elbetde, bu zatlar meniň garadan gaýtmaz, gaýduwsyz Walentinamyň işi. Ine, «erkek ýeriňde diýilýän aýal şu» diýip, daşaryk çykdyk.
Bahar aýlarynyň mylaýym howasy deňiz tolkunlarynyň ysyny getirýärdi. Gögi etekläp günbatardan garalyp gelýän bulutlar, zonanyň süýr depesinden bakyp duran Günüň öňüne perde bolman, dag gaýalarynyň üstüni syryp sowa geçýärdi. Men ýap-ýaňyja Marinanyň ýanyndan gaýdandygymy unudyp tehniki-ykdysadyýet bölüminiň gapysynda peýda boldum.
Marina ýeke däldi. Ol bu iş otagynda dördünji adamdy. Marina meni görüp ýerinden turdy. Iş stolunyň başyndan sowuldy, iç işikde garşylady.
– Ine…
Elimdäki haty oňa uzatdym.
– Joralar, tussag Gurban Jumaýewiň kimdigini siz tanaňyzok. Men welin bilýän. Bu adam aýratyn adam. Ýöne näme üçindir bilemok, bu güne düşüpdir. Elbetde, onuňam öz sebäbi bardyr. Gurban, sen meni bagyşla! Men bu ýerde seniň goýberen

ýalňyşlyklaryň ýa-da eden jenaýat işiň hakda diýmekçi däl — diýip, Marina işdeş ýoldaşlaryndan nazaryny sowup, maňa tarap seretdi.
— Sen meni tanaňok. Meniň Marinadygymy sen şu ýerde bildiň. Men welin, seni ömrüm boýy tanaýan. Seni ilkinji gezek Uniwersitetiň aktlar zalynda geçirilen edebiýat agşamynda gördüm. «Uniwersitet» gazetiniň geçiren edebi konkursynda seniň «Gözel» atly hekaýaň birinji baýragy aldy. Şo gazet seniň suratyň bilen uzak wagt diwar ýüzünde asylgy durdy. Bir gün men irden gelip, seniň şo suratly gazetiňi diwardan aýryp, joralarymdan hem pynhan, öýüme alyp gaýtdym.
Marina iş stolunda duran sumkasyny eline alyp, ondan reňki saralyp giden bir surat çykaryp, ony joralaryna uzatdy.
— Ynha, görüň! Men şonda ykdysadyýet fakultetiniň birinji kursunda okaýardym. Ilki-hä men Gurbany mugallym, ýa-da aspirantdyr öýderdim. Bir gün «Student şahyrlar goşgy okajakmyş» diýlen habar biziň gulagymyza ýetdi. Biz şol güni bir sebäp bilen gijä galdyk. Şo goşgy meniň henizem ýadymda:

*Aç ýüzüňi, nikabyňy aýyryp,*
*Gara teller ýaňagyňa dökülsin!*
*Ýaňlanyp bagşylaň şirin owazy,*
*Bedewler çapylyp, läle kakylsyn!*

Dowam etsin, tebigatyň mirasy,
Bu ajap dünýäde — dünýe turaly!
Ikimizem Zöhre-Tahyra dönüp,
Gol tutuşyp, gapymyzdan gireli.

Çykaly biz, gapymyzdan şadyýan,
Goşa göwre, bir jan bolup ikimiz,
Uzaklara äkideli paýlaşyp,
Durmuş otly çylşyrymly ýükümiz.

Marina bu goşgyny şeýle bir hyjuw bilen, şeýle bir mähir bilen okady, heý goýaý! Göwnüme bolmasa, gelniň sesi onuň dodaklarynyň arasyndan däl-de, göwsüni ýaryp çykan çeşme kimin çogýardy. Marinanyň bu bolşuna aňkaryp durşuma, dünýämi

unutdym. Ara dymyşlyk düşdi. Gyzyň işdeş ýoldaşlary, Marinanyň tüýs şadyýan, poeziýanyň muşdagy, edebiýatşynasdygyny bilmeýän bolsalar nätjek. Olaryň üçüsi-de deňine aňkarylyşyp doňup galdym. Marina sözüni dowam etdi.
Seniň «Şahyra», «Göremde seni», «Al-elwan» ýaly goşgularyňam mende bar. Asyl, ýatdan bilýän.

*Dostum bilen seýle çykdym säherde,*
*Läleler açylan gözel baharda.*
*Ak güle, gök güle, sary güle-de,*
*Hassanyň derdine däri güle-de,*

Köp gezdik, syn edip, ençe-ençäni,
Iň soňy saýladyk bir-bir gunçany.
Dostum mähir bilen ýolan bolsa-da,
Yşgyňa bendiwan bolan bolsa-da,

Hanha, seret  barýar, güli ynjadyp,
Ýere oklap gitdi, ony mynjadyp.
Beýtjek bolsaň, dostum, ýolmasaň nätdi,
Gül meňzine tagma salmasaň nätdi?!

Şu goşgynyň döreýiş taryhyny gürrüň bermegiňizi sorap, saňa sorag berildi. Ýadyňdamy? Sen şonda ýatdan çykmajak jogap beripdiň.
– Ýadymda Marinam, ýadymda!
– Saňa şo soragy berenem men-dä.
Marina şu ýerde sözüni soňlap-soňlamanka, gapy açyldy. Kimdir biriniň ýumşak eli egnime degdi. Egnimiň üstaşyry gaňrylyp seretsem, kapitan Kuzmin.
– Ýoldaş Jumaýew!
Gulaklarym şaňlap gitdi. Hakykatçy, mylaýym hem talap ediji. Iň esasy, özüniň kimdigini unutmaýan bu adamyň, nädip meni, özüne ýoldaş edinjek bolşy meni geň galdyrdy. Kapitanyň edýän bu oýnunyň nämäniň alamatydygyny aňyma sygdyryp bilmän durkam, ol ýene-de maňa ýüzlendi.
– Ýoldaş Jumaýew, size Marina Petrownanyň goşgusy gerekmi, özi?

Bu sorag meniň üçin has hem oslagsyz boldy. Meniň tussagdygymy bilip durka, beýdip at oýnatmasy näme-kä? Kalbymyň bir çuň ýerinde, Kuzmine birhili ýigrenç döredi.
– Graždanin kapitan, «ýa rad w raý, no grehi ne puskaýut» – «Jennetiň gapysyndan girmäge men razy, ýöne arman gunäm agyr» – diýip, başardygymdan mylakatly bolmaga synanyşdym.
– Arkaýyn boluň, siz öňde-soňda bir günä eden bolsaňyz, bu gün olaryň baryndan saplandyňyz. Marina Petrowna, siz bir wagtky bile okan dostuňyzy gutlap bilersiňiz, ol, tussaglykdan azat!
Tas diň-arkan gaýdypdym. Gözlerim garaňkyrap, başym aýlandy. Bir ädim yza süýşüp, diwara söýendim. Marina meniň boýnumdan asyldy. Tüýleri syh-syh bolup duran, syrylmadyk ýaňaklarymdan taýly sapar ogşap, titir-titir silkinip, boýur-boýur aglaýardy. Men bu wagt ýaş geliniň gujagyndan sypmak hakda pikirem etmän, dünýäni unudyp, ýeli gaçan sanaç ýaly myssaryp galypdym. Emma, kapitan Kuzmin welin, henizem gapdalymda dur. Ol täzeden adymy tutanda, ukudan açyldym.
– Marina Petrowna sizden haýyş edýärin! Kyn görmäň-de, koloniýanyň daşky derwezesiniň öňüne çykyň! Ine, şol ýerde Gurbanyň aýaly Walentina Jumaýewna durandyr. Biz ep-esli eglenäýdik. Häzir eşik çalyşdygymyz, bizem çykarys – diýip, Kuzmin Marina ýüzlendi.
Marina çişip, gyzaryp giden owasyndaň çeşme bolup çogup duran gözýaşyny hiç kimden gizlemän «gorhananyň» daş derwezesine tarap ylgap gitdi. Men ýerime baryp eşik çalyşmaga durdum.

1971-1989 ý.

■ SÖZSOŇY

Kakam dolanmady. Ol nirede mazar boldy ýa-da haýsy guýa oklanyp ýitip gitdi. Maňa belli däl. Il içine ýaýran gürrüňlerden-ä ol hut äpet bir bombaň ojagyna düşüp, diňe tüssesi görnenmişin. Bozagan şura bilen başlygyň gepini diňleseň, Atamam, daýymam ýurtdan çykan dönükmiş. Garasaý, kime ynanyp, kime daýanjagyň belli däl.
Ýöne, oba ýagdaýy welin, uruş meýdanyndan kem däl. Ýekeje aýratynlyk bar, o-da bu ýerde bomba ýarylyp, tüpeň sesi

eşidilenok.
Ejem jigimi yzyna tirkäp äre gitdi. Enem öldi. Mamam hem uzak ýaşaman amanadyny tabşyrdy. Daýzam durmuşyň, bu muşakgatlaryna ejiz geldi. Baş ýoldaşyndan ýadygär ýekeje perzendi Nargülüň elinden tutup obadan çykdy…
– Bu ojagyň ody sönmez, asla ony söndüribem bolmaz – diýip, içimi hümledip oturyşyma irkilipdirin. Garaňky düşüp Aý dogupdyr, onam bilmändirin. Ahyry içerini dolduryp, gaňşyrawygymy gijedip barýan tagam ysyna oýanypdyryn. Gözümi açsam, ýanymda Baýram aga otyr.
– Gorkuzdyň-aýt meni, birbada dirisiňem öýtmedim, Ýüzüňe siňe-siňe seredip, diň salsam howsalam biderek boldy. Myrlapjyk uklap ýatyrsyň. Oýarmadym. Hernä ojakda içi suwly taňka duran ekeni. Çaý goýdum. Hany, ukyňdan açyl. Bir bölek balyk iý. «Berjek bolsa guluna, getirip goýar ýoluna» diýeni çyn. Balyk dagam däl ekeni, çagalar hezil etdi. Agzyňa saldygyň eräp barýar. Ne süňk bar munda, ne gylçyk. Balyk diýibem şuňa diýäýmeli. Öňde-soňda beýle tagam iýenim ýadyma düşýän däldir, oglum.
– Ýaşuly, bu bolýan zatlar näme? Heý beýlede bir zat bolarmy. Men-ä derek tapýan däldirin.
Atymlyk çaý ýerine kerçäp oturan buýan köküni kündüge atan Baýram aga, birbada soragyma jogap tapmady. Ol ýüzüme-de seretmän haýallyk bilen ýerinden turdy. Ilki balykly tabagy, soňra çaýly kündügi üsti düşeksiz münä getirdi-de, ykjam ýerleşdi.
– Hany, gel bäri, «müň gaýgy bir iş bitirmez», oglum. Gözleriň oýulyp owaňa siňip gidipdir. Bir agyz balyk iý. Ine men saňa bar zady düşündirin. Bu başlyk diýen ýoknasyzyň işi. Meniň şo edenimi ýatdan çykaranok. Sürgüne ýollaýyn diýse, sen ýaş. Uruşda wepat bolanyň çagasy. Meni itler çeýnejek welin, arman dişi ötäýenok. Gudamyzyň ogly GPU-de otyr. Ine onsoň güýji ýeteni sen bolduň. Ol süýdi ýanan guşkelle daýzaňy küşgürip, bu öýi dargatdy. Zyýany ýok. Gynansaňam, etjek alajyň näme. Bu öýiň eýesi şo gyrnajyk. Onsoň il-günem batyrynyp bilmedi. Bu deýýus başlyk munuň bilenem oňmaz. Seni, obadan çykar. Bu wagt onuň güýji zor. Diýeni bolup dur. Sen oglan, deregine bir

ykbalsyz doglan çaga. Dogduk gapyňy ejeň ýapdy. Daýy ojagy bular ýumurdy. Ýer urup, ýerde galdyň. Zyýany ýok. Aljyrama, ruhdan düşme!..
Ine, şeýdip men 1946-njy ýylyň ýazynda obadan çykdym. «Ilim günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn» diýýänleri ras. Ilki horlandym. Şähere gelip gapy syrdym, bir döwüm çörek üçin egnime egnagaç alyp suw daşadym. Ahyry okuwa gitdim. Aşgabatda bir ýyllyk komsomol mekdebini gutaryp, redaksiýa işe geldim. Şol hem meni durmuşyň indiki ädilmeli basgançaklaryna gönükdirdi.

Soňy.

Halbaý HAÝYDOW. Powestler